**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Okuw bölümi hakynda DÜZGÜNNAMA

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň okuw bölümi (mundan beýläk – Okuw bölümi) hakynda Düzgünnama “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklanan “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Okuw bölümi mekdebiň düzüm bölekleriniň biri bolmak bilen, ol mekdebiň direktoryna we direktoryň orunbasaryna gönüden-göni tabyn bolýar.

## II. Okuw bölüminiň işiniň maksady

2.1. Mekdepde özleşdirilýän orta hünär biliminiň maksatnamasyny döwlet bilim standartynyň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

## III. Okuw bölüminiň esasy wezipeleri

3.1. Orta hünär biliminiň esasy hünär bilim maksatnamalaryny meýilleşdirmek, guramak we talyplar tarapyndan özleşdirişine gözegçilik etmek.

3.2. Döwlet bilim standartynyň talaplarynyň ýerine ýetiriliş hiline gözegçiligi amala aşyrmak. Talyplaryň gündelik we aralyk synaglaryna gözegçiligi guramak. Jemleýji döwlet synaglaryny guramak.

3.3. Zähmet bazarynyň isleginiň ösüş ýörelgelerine laýyklykda okatmak hyzmatynyň düzümini täzeçil çemeleşmeler esasynda kämilleşdirmek.

3.4. Okuw işlerini düzgünleşdirýän resminamalaryny işläp taýýarlamak we kämilleşdirmek.

3.5. Okuw bölüminiň işi barada hasabatlylygy üpjün etmek.

3.6. Uçurymlar bilen işler guramak.

## IV. Okuw bölümiň işiniň esasy ugurlary

4.1. Orta hünär biliminiň esasy bilim maksatnamasy boýunça okuw işini guramak, meýilleşdirmek we gözegçilik etmek.

4.2. Orta hünär biliminiň esasy bilim maksatnamalaryny döwlet bilim standartynyň talaplaryna laýyklykda, şeýle hem okuw işini kadalaşdyryjy beýleki resminamalary esasynda işläp düzmek.

4.3. Talyplaryň gündelik we aralyk synaglarynyň gözegçiligini guramak; jemleýji döwlet synaglaryny guramak.

4.4. Talyplar bilen akademiki bergileri aradan aýyrmak boýunça işler geçirmek.

4.5. Talyplary okuwa dikeltmek, okuwdan çykarmak, gaýtadan okatmak boýunça meseleleriň resminamalaryny taýýarlamak.

4.6. Talyplar geňeşiniň ýygnagyny guramak.

4.7. Ene-atalar geňeşiniň ýygnagyny guramak, talyplaryň ene-atalary bilen işleşmek.

4.8. Okuw işini guramagyň usullaryny we häzirki zaman bilim tehnologiýalaryny, şol sanda elektron we uzak aralykdan okuw tehnologiýalaryny peýdalanmagy guramak we kämilleşdirmek.

4.9. Mugallymlar geňeşine, hususanda okuw bölüminiň işlerine degişli meseleler boýunça resminamalary we maglumatlary taýýarlamak.

4.10. Okuw bölüminiň işine degişli hasabat resminamalaryny we beýleki maglumatlary taýýarlamak.

4.11. Okuw bölüminiň işi hakyndaky maglumatlary diwarlyklarda we mekdebiň resmi saýtynda ýerleşdirmek we täzelemek.

## V. Okuw bölüminiň hukuklary

5.1. Mekdebiň beýleki bölümlerinden okuw bölümine degişli meseleleri we wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan resminamalary, maglumatlary we düşündiriş ýazgylaryny almaga.

5.2. Okuw bölüminiň işini gowulandyrmak maksady bilen beýleki bölümleriň işiniň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmek boýunça teklipleri bermäge.

5.3. Okuw-usuly binýady berkitmek, okuw işini zerur bolan gollanmalar tehniki serişdeler, döwürleýin neşirler, okuw edebiýatlar bilen üpjün etmek boýunça teklipleri bermäge.

5.4. Okuw bölümine degişli meseleler boýunça mekdebiň beýleki bölümleri bilen gatnaşyk saklamaga.

5.5. Orta hünär biliminiň okuw işine degişli soraglar boýunça düşündirişleri, maslahatlary we görkezmeleri bermäge.

## VI. Okuw bölümine ýolbaşçylyk

6.1. Okuw bölümine ýolbaşçylygy mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen bellenýän okuw bölüminiň müdiri amala aşyrýar.

6.2. Okuw bölüminiň müdiri okuw bölüminiň işine jogap berýär we mekdebiň direktoryna we direktoryň orunbasaryna hasabat berýär.

6.3. Okuw bölüminiň müdiriniň şu aşakdakylara hukugy bar:

- Ähli okuw sapaklara we tejribeliklere gatnaşmaga;
- Topar ýolbaşçylardan öz wagtynda kesgitlenen görnüşde hasabat bermegini talap etmäge;
- Okuw sapaklaryna, aralyk synaglara we jemleýji döwlet synaglaryna gözegçilik etmegiň ähli görnüşlerine gatnaşmaga;
- Mekdebiň okuw işini kämilleşdirmek çärelerine gatnaşmaga.

6.4. Okuw bölüminiň müdiri şu aşakdakylara borçlanýar:

*6.4.1. Guramaçylyk işleri boýunça:*

- Orta hünär biliminiň okuw meýilnamalaryny işläp düzmäge;
- Kadalaşdyryjy resminamalary, mekdebiň buýruklaryny, Mugallymlar geňeşiniň kararlaryny pedagogiki işgärleriň we talyplaryň gyssagly dykgatyna ýetirmäge;
- Okuw bölüminiň hasabatlarynyň (hepdelik, aýlyk, ýarymýyllyk, ýyllyk) öz wagtynda taýýarlanmagyny üpjün etmäge;
- Talyplar geňeşiniň okuw ýylynyň başynda, aralyk synagyň we hasap-synagynyň netijeleri hem-de okuw ýylynyň jemi boýunça ýygnaklarynyň geçirilmegini guramaga we gatnaşmaga;
- Ene-atalar geňeşiniň ýygnaklarynyň geçirilmegini guramaga we gatnaşmaga, talyplaryň ene-atalary bilen özbaşdak işleşmäge;
- Okuw bölüminiň işi boýunça buýruklaryň taslamasyny taýýarlamaga;
- Talyplary aralyk synaglara goýbermek baradaky meseleleri çözmäge;
- Talyplary okuwa dikeltmek, okuwdan çykarmak, gaýtadan okamak hakyndaky meseleler boýunça resminamalary taýýarlamaga;
- Pedagogiki we beýleki işgärleri saýlamak, olary wezipä bellemek, hünär derejelerini we hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak bilen bagly guramaçylyk işlerine gatnaşmaga;
- Mekdebiň pedagogiki we beýleki işgärleriniň hünär synaglaryny geçirmekde taýýarlyk işlerine gatnaşmaga;

- Kitaphanalary okuw-usuly, döwürleýin neşirler bilen doldurmak we okuw işini usulyýet taýdan üpjün etmek işlerine gatnaşmaga;
- Zähmeti goramak we ýangyn howpsuzlyk kadalaryny berjaý etmäge.

*6.4.2. Okuw işleri boýunça:*

- Okuw bölüminiň işlerini guramaga we oňa gönüden-göni ýolbaşçylyk etmäge;
- Talyplaryň ýetişiginiň we gatnaşygynyň hasabyny ýöretmäge;
- Talyplaryň ene-atalaryny (kanuny hossarlaryny) olaryň ýetişigi we gatnaşygy barada öz wagtynda habarly edilmegini üpjün etmäge;
- Talyplary okuw, önümçilik tejribeliklerine ýollamak boýunça ýygnaklary geçirmäge;
- Aralyk synaglaryny geçirmäge, onuň netijelerine seljermäge;
- Mugallymlar geňeşinde seredilmeli maglumatlary taýýarlamaga;
- Içerki gözegçiligiň tertibine laýyklykda okuw sapaklara, hasaplara, synaglara gatnaşmaga;
- Talyplaryň okaýandygy ýa-da okan döwri hakynda kepilnama üçin maglumatlary taýýarlamaga;
- Okuw sapaklarynyň žurnallarynyň ýöredilişine gözegçiligi amala aşyrmaga;
- Talyplaryň akademiki bergilerini aradan aýyrmak boýunça işleri guramaga we gözegçilik etmäge;
- Talyplary aralyk synaglaryna goýberilmegini, aralyk synagynyň geçişine gözegçiligi guramaga;
- Talyplaryň bilimini, başarnyklaryny, alan okuw we amaly tälimlerine bahalandyrmaga mümkinçilik berýän bahalandyryjy serişdeleriň netijeli usulyny saýlamaga;
- Talyplaryň oňyn netijelerini ýokarlandyrmak maksady bilen aralyk synaglary gaýtadan tabşyrylmagyny guramaga we resmileşdirmäge.

*6.4.3. Terbiýeçilik işleri boýunça:*

- Talyplaryň içki tertip-düzgüniň kadalaryny berjaý edişine gözegçilik etmäge;
- Talyplar we uçurymlar bilen hünäre ugrukdyryş işlerini geçirmäge.

## VII. Özara hyzmatdaşlyk

7.1. Okuw bölümi öz işiniň dowamynda mekdebiň ähli bölümleri bilen özara hyzmatdaşlygy amala aşyrýar.